# Ýolda köp büdreýän gatyryň düýe ýanynda zeýrenişi hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýolda köp büdreýän gatyryň düýe ýanynda zeýrenişi hakynda hekaýat Ýolda köp büdreýän gatyryň düýe ýanynda zeýrenişi hakynda hekaýat

Bir Gatyr zeýrendi ýanynda Düýäň:
«Ýola çyksam häli-şindi büdreýän.

Ýöremäm hyllalla islendik ýolda,
Garaz, bolup ýörşüm gözgyny halda.

Dyzlam sypjyrylýar, ýa degýär kelläm,
Şoň üçin kän meniň üstümden gülýän.

Şol sebäpli halys azdy meň gäbim,
Sen-ä büdräýeňok, aýt-da sebäbin?»

Düýe oňa jogap berdi howlukman:
«Biler bolsaň, men has uzagrak bakýan.

Seniň görýän ýeriň sähelçe ara,
Ana, şol hem seni goýýar azara.

Men töwerek-daşa belentden garap,
Äwmän, alňasaman barýaryn ýöräp.

Hut gözüm ýok ýaly, süssürlip barman,
Çukur-oýy saýgarmagy başarýan.

Seniň gözüň ýetýän ýeri şeýle dar,
Diňe şol sebäpli çekýärsiň azar.

Ýörejek ýoluňy ykjam saýgarman,

Ädim ursañ, mydam çekersiñ arman». Goşgular